# Pygamber

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pygamber PYGAMBER

Ruhy hasrata ýolugyp, teşne
Ýatyrkam bir alasarmyk ahwalda,
Geldi alty ganatly bir perişde
Ýowuz çöl içinde meniñ ýanyma.
Ýeñil barmaklary düýş ýaly titräp,
Ukuly gözlerme galtaşdy welin,
Göreçlerim ýalpa açyldy peträp,
Eýmenen bürgüdiñ gözleri kimin.
Eli gulaklarma galtaşyp birden,
Doldurdy owazdan, galmagallardan.
Eşitdim asmanyñ galpyldysyny,
Perişdeleñ ganatlarnyñ sesini,
Jandarlaryñ sesin deñziñ düýbünden,
Habar aldym ot-çöpleriñ üýnünden,
Soñ ol elin ýetirdi-de agzyma,
Günäli dilimi goparyp aldy.
Aldawçy hem bikär diliñ deregne
Dana ýylanlaryñ çakgyjyn saldy.
Soñra gylyç bilen gursagym ýaryp,
Gürsüldän ýüregim sogrup aldy ol.
Jeset ýaly bolup ýatyrdym çölde,
Gulagma Tañrynyñ owazy geldi;
''Tur, pygamber, bak, gulak goý, oýlanyp,
Meñ erkime boýun synyp gez hemem
Deñizleri, ähli ýeri aýlanyp,
Iliñ ýüregini ýylat söz bilen.

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW.

- **ПРОРОК**

Духовной жаждою томим,

В пустыне мрачной я влачился, —
И шестикрылый серафим
На перепутье мне явился.
Перстами легкими как сон
Моих зениц коснулся он.
Отверзлись вещие зеницы,
Как у испуганной орлицы.
Моих ушей коснулся он, —
И их наполнил шум и звон:
И внял я неба содроганье,
И горний ангелов полет,
И гад морских подводный ход,
И дольней лозы прозябанье.
И он к устам моим приник,
И вырвал грешный мой язык,
И празднословный и лукавый,
И жало мудрыя змеи
В уста замершие мои
Вложил десницею кровавой.
И он мне грудь рассек мечом,
И сердце трепетное вынул,
И угль, пылающий огнем,
Во грудь отверстую водвинул.
Как труп в пустыне я лежал,
И бога глас ко мне воззвал:
«Восстань, пророк, и виждь, и внемли,
Исполнись волею моей,
И, обходя моря и земли,
Глаголом жги сердца людей». Goşgular